**“GURLUŞYK WE SENAGAT TOPLUMYNYŇ YLMY-INNOWASION ÖSÜŞI – BAGTYÝAR GELJEGIŇ KEPILI” atly sanly ulgam arkaly halkara ylmy-amaly maslahatyny guramak we geçirmek hakynda**

# DÜZGÜNNAMA

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen tassyklanan “Türkmenistanyň ýaşlarynyň halkara hyzmatdaşlygynyň 2023-2030-njy ýyllar üçin Strategiýasynda”, şeýle hem bilim ulgamy boýunça kabul edilen konsepsiýalarda kesgitlenen wezipeleri durmuşa geçirmek hem-de Hormatly Prezidentimiziň ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, kämil nesli kemala getirmek, zehinli talyplary ylma çekmek we ylmy derejeli işgärleri taýýarlamak boýunça öňde goýan wezipelerini ýerine ýetirmek, ylym-bilim ulgamyna innowasiýalary ornaşdyrmak maksady bilen, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk instituty 2025-nji ýylyň 29-njy oktýabrynda ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň, aspirantlarynyň, magistrleriniň, talyplarynyň, şeýle hem ylmy edaralarynyň, kompaniýalarynyň hünärmenleriniň gatnaşmaklarynda “Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda” dabaraly bellenilýän Türkmenistanyň gurluşyk we senagat toplumlarynyň işgärleriniň güni mynasybetli **“Gurluşyk we senagat toplumynyň ylmy-innowasion ösüşi-bagtyýar geljegiň kepili”** atly sanly ulgam arkaly halkara ylmy-amaly maslahatyny (mundan beýläk-ylmy maslahat) döwrüň talaplaryna laýyklykda guramak we geçirmek üçin şu Düzgünnama işlenip taýýarlanyldy.

## I. Umumy düzgünler

1.1. Şu Düzgünnama ylmy maslahaty guramagyň we geçirmegiň tertibini kadalaşdyrýar we Türkmenistanyň Bilim ministriniň we Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň prezidentiniň bilelikdäki buýrugy bilen tassyklanan “Ýokary hünär bilimi edarasynda ylmy çäreleri geçirmegiň Tertibine” laýyklykda işlenilip düzüldi.

1.2. Ylmy maslahat ylym-bilim ulgamynda ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň ugurdaş ýokary okuw mekdepleriniň, ylmy edaralarynyň we kompaniýalarynyň arasynda dostlukly gatnaşyklary ösdürmäge, özara tejribe alyşmaga we halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga ýardam berer.

1.3. Ylmy maslahatyň gurnaýjysy hökmünde Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň Ylym bölümi çykyş edýär.

1.4. Ylmy maslahatyň geçirilýän möhleti we şertleri institutyň www.tdbgi.edu.tm web sahypasynyň ýörite bölüminde ýerleşdirilýär.

1.5. Ylmy maslahatyň resmi iş dilleri – türkmen, rus we iňlis.

## II. Ylmy maslahatyň maksady we wezipeleri

Ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň ugurdaş ýokary okuw mekdepleriň professor-mugallymlarynyň, aspirantlarynyň, talyplarynyň, şeýle hem ylmy edaralaryň alymlarynyň we kompaniýalaryň hünärmenleriniň arasynda dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmak we özara bähbitli ylmy maglumatlary alyş-çalyş etmek hem-de tejribe alyşmak.

Binagärlik-gurluşyk ulgamynda alnyp barylýan häzirki zaman ylmy barlaglary, dünýäniň öňdebaryjy tehnologiýalaryny we innowasiýalaryny, öňdebaryjy taslamalary ylym-bilim ulgamyna we önümçilige ornaşdyrmak.

**Ylmy maslahatyň wezipeleri:**

2.1. Türkmenistanyň Prezidentiniň strategik maksatnamalarynyň çäklerinde «bilim-ylym-önümçilik» kadasyndan ugur alyp, bilim ulgamynyň ylym we önümçilik bilen utgaşmagyny gazanmak;

2.2. Ýokary okuw mekdepleriň professor-mugallymlarynyň, aspirantlarynyň we talyp ýaşlarynyň arasynda ylmy pikir alyşmalaryny guramak;

2.3. Zehinli talyp ýaşlary ýüze çykarmak, ylma çekmek we ylmy derejeli işgärleri taýýarlamak;

2.4. Okatmagyň häzirki zaman usullaryny ornaşdyrmak, okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek, ýaşlara berilýän bilimiň hilini we derejesini ýokarlandyrmak;

2.5. Ýurdumyzda we daşary ýurtlarda ylmyň gazananlaryny giňden ornaşdyrmak;

ýurdumyzyň senagat, gurluşyk we himiýa pudaklarynyň halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek we işjeňleşdirmek;

2.6. Ýurdumyzyň gurluşyk we senagat pudagynyň ylmy-barlag, önümçilik işleriniň netijeliligini ýokarlandyrmak;

2.7. Önümçilik we ylmy-barlag, gözleg işlerinde ýüze çykýan derwaýys ylmy hem-de amaly meseleleri çözmäge ukyply ýaş hünärmenleri ýetişdirmek;

## III. Ylmy maslahatyň guramaçylyk-usulyýet üpjünçiligi

Ylmy maslahaty talabalaýyk geçirmek üçin institutyň abraýly we tejribeli professor-mugallymlaryndan düzülen Guramaçylyk topary döredilýär.

**Guramaçylyk topary:**

3.1.Ylmy maslahaty ýokary derejede guramak we geçirmek boýunça guramaçylyk işleri alyp barýar;

3.2. Ylmy maslahaty guramaçylykly geçirmek boýunça teklipleri taýýarlaýar;

3.3. Institutyň mejlisler zalyny we bölümçeleriň geçiriljek ýerlerini sanly serişdeler bilen üpjün edýär;

3.4. Ylmy maslahatyň netijelerini jemleýär we hasabat görnüşinde Türkmenistanyň Bilim ministrligine iberýär.

## IV. Elektron tezisler ýygyndysyna bildirilýän talaplar

Ylmy maslahatynda çykyş eden alymlaryň, hünärmenleriň we talyp ýaşlaryň

temalarynyň tekstleri jemlenip, elektron tezisler ýygyndysyny çap etmeklik meýilleşdirilýär.

**Maslahatda çykyş etmek üçin hödürlenýän mowzuklar aşakdaky ugurlary öz içine alýar:**

- Binagärlik, dizaýn, şähergurluşyk we sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy;
- Gurluşyk tehnikasy we tehnologiki çözgütler (senagat we ýaşaýyş jaý gurluşygy, ýol-ulag infrastrukturasy, gurluşyk materiallary, konstruksiýalary, täze gurluşyk önümleri we tehnologiýalary, seýsmiki durnuklylyk meseleleri);
- Ekologiýa, durmuş howpsuzlygy;
- Energetika we elektrik üpjünçiligi;
- Alternatiw energiýa çeşmeleriniň gurluşykda ulanylmagy;
- Gurluşyk ykdysadyýeti, dolandyryş strategiýalary we logistika ulgamyndaky häzirki zaman çemeleşmeler;
- Organiki däl maddalaryň himiki tehnologiýasy.

**Ylmy tezisleriň mazmunyna we resmileşdirilişine degişli talaplar:**

1. Halkara ylmy-amaly maslahata gatnaşyjylaryň gysgaça beýanynyň möçberi A4 (210×297 mm) formatda 1,5 sahypadan geçmeli däl, annotasiýalaryň her biriniň (iňlis we rus dillerinde) möçberi 0,5 sahypa çenli bolmaly.
2. Sahypa ölçegleri: ýokary we aşak taraplarda – 2,0 sm, çep tarapda – 2,5 sm, sag tarapda – 1,5 sm. Orientasiýasy – “kitap” görnüşli, şrifti – Times New Roman, ölçegi – 14 pt, setir arasy – 1.
3. Ylmy işiň aýratynlyklaryna baglylykda nutugy şekiller, formulalar we tablisalar görnüşinde beýan etmäge ýol berilýär. Bu ýagdaýda her bir şekil sahypanyň görkezilen ölçeglerinden çykmaly däl, şrifti bolsa 14-den kiçi bolmaly däl. Nutugyň gysgaça beýanynyň umumy göwrümi şekiller, formulalar we tablisalar bilen bilelikde A4 formatdaky 1,5 sahypadan geçmeli däl.
4. Maslahata elektron görnüşde tabşyrylýan ähli materiallar diňe Word for Windows formatynda kabul edilýär (doc we docx giňeltmesi bilen).
5. Nutugyň gysgaça beýany we annotasiýalar bir faýlda saklanylmaly hem-de aşakdaky görnüşde bolmaly:
   - awtoryň ady, familiýasy sahypanyň sag gyrasy boýunça deňlemek bilen 14-lik şriftde setir harplar bilen goýy gara ýazylmaly, döwletiň ady ýaýyň içinde görkezilmeli;
   - eger nutugyň iki awtory bar bolsa, ilki çykyş edýäniň ady, familiýasy görkezilmeli;
   - gysgaça beýanyň we annotasiýalaryň atlary baş harplar bilen 16-lyk şriftde goýy gara görnüşde ýazylmaly we setiriň merkezi boýunça deňlenilmeli;
   - nutugyň gysgaça beýanynyň tekstini ýazmazdan öň 1 setir goýbermeli.
6. Nutugyň gysgaça beýanynyň we annotasiýalaryň tekstleri setiriň ini boýunça deňlenilmeli. Matematiki formulalar degişli formula redaktorlarynyň kömegi bilen ýazylmaly.

7. Nutugyň gysgaça beýanynyň we annotasiýalarynyň sahypalary belgilenilmeýär.
8. Bildirilýän talaplara laýyk gelmeýän işlere garalmaýar.
9. Iş tabşyrylandan soňra hödürlenilen düzedişler we goşundylar kabul edilmeýär.
10. Guramaçylyk toparynyň karary boýunça iş ylmy-amaly maslahata goýberilmän bilner.
11. Tabşyrylan resminamalar yzyna gaýtarylmaýar.
12. Nutugyň gysgaça beýany we annotasiýalar bir faýlyň içinde ýerleşdirilmeli. Faýlyň ady çykyş edýäniň familiýasyny, adyny, atasynyň adyny we "tez" diýen harplary özünde jemlemeli. Mysal üçin, çykyş edýän – Amanow Myrat, faýlyň ady – "Amanow M. tez". Nutuk aýratyn faýlda iberilmeli.
13. Hasaba alnyş görnüşleri nutugyň ähli awtorlary tarapyndan doldurylýar we bir faýlda ýerleşdirilýär. Ilki bilen ylmy-amaly maslahatda çykyş edýäniň, soňra awtordaşyň hasaba alnyş görnüşleri ýerleşdirilýär. Hasaba alnyş maglumaty üçin faýlyň ady awtoryň familiýasyny, adyny, atasynyň adyny we "reg" diýen harplary özünde jemlemeli. Mysal üçin, "Amanow M. reg".

## V. Ylmy maslahaty guramagyň we geçirmegiň tertibi

5.1. Ylmy-amaly maslahat 2025-nji ýylyň 29-njy oktýabrynda 10:00-da Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň Mejlisler zalynda dabaraly açylýar we ylmy maslahatyň işi 4 sany bölümçelerde dowam edýär.

5.2. Gatnaşyjylaryň çykyşlary onlaýn tanyşdyryşlaryň üsti bilen amala aşyrylýar we olaryň many-mazmuny ylmy maslahatyň ugruna doly laýyk gelmelidir we çykyş edýäniň hünär ussatlygynyň aýratynlyklaryny açyp görkezmelidir.

5.3. Tanyşdyryşyň 1-nji slaýdynda Ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň we kompaniýalaryň doly atlary, çykyş edýäniň temasynyň doly ady, familiýasy, ady, atasynyň ady we wezipesi görkezilýär.

5.4. Tanyşdyryş (prezentasiýa) Power Point programmasynda taýýarlanylýar;

5.5. Çykyşyň dowamlylygy 10 minutdan, gatnaşyjylaryň soraglaryna jogap 5 minutdan köp bolmaly däldir.

5.6. Ylmy-amaly maslahatyň birinji bölümçesi **"Binagärlik we gurluşyk innowasiýalary, döwrebap materiallar we tehnologiýalar"** ady bilen institutyň Mejlisler zalynda, ikinji bölümçesi **"Binagärlik, dizaýn, şähergurluşyk we ilatly ýerleriň meýilleşdirilişi"** ady bilen institutyň G binasynyň 310-nji okuw otagynda, üçünji bölümçesi **"Sanly tehnologiýalaryň gurluşykda we binagärlikde ornaşdyrylmagy"** ady bilen institutyň B binasynyň 402-nji okuw otagynda hem-de dördünji bölümçesi **"Gurluşykda ekologiýa, durmuş howpsuzlygy we alternatiw energiýa çeşmeleri"** ady bilen institutyň A binasynyň 201-nji okuw otagynda işini dowam eder.

## VI. Ylmy maslahatyň işiniň jemini jemlemek

6.1. Guramaçylyk topary 2025-nji ýylyň noýabr aýynyň birinji on günlüginde ylmy maslahatyň işiniň jemlerini jemleýär we resmi web sahypasyna ýerleşdirýär.

6.2. Ylmy maslahatda tapawutly çykyş edenler we gatnaşyjylar degişlilikde diplomlar, sertifikatlar bilen sylaglanylýarlar we olaryň elektron poçtalaryna iberilýär.

6.3. Ylmy çykyşlaryň materiallary elektron tezisler ýygyndysy görnüşde çap edilýär we institutyň www.tdbgi.edu.tm web sahypasynyň ýörite bölüminde ýerleşdirilýär.

6.4. Ylmy maslahatyň netijeleri Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň we institutyň web sahypalarynda ýerleşdirilýär, şeýle hem köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen halk köpçüligine ýetirilýär.